# Agyzdan galan palaw

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Agyzdan galan palaw AGYZDAN GALAN PALAW




Tanyşlarymyñ biri «Netflix»-de berilen Angela Merkel hakdaky dokumental filmini öwüp goýar ýerde goýmady welin, onuñ ýokuş görjeginj bilip duranam bolsam ýarylmaly boldum: «men zordan ýarpysyna ýetip taşladym, soñ seretmedimem!»
Sosial mediýada hem tanşymyñka meñzeş öwgülere gabat geldim. Öwgä garşy jogap bermek ýaly kyn zat ýok bolsa gerek. Çünki tarapdarlary hakykaty eşidesi gelmeýär… Ýogsam bolmasa, «Özüni öweniñ tanapy çüýrük!» diýip türk nakyly bar-a!
Angela Merkel hakdaky dokumental filme tomaşa edip durkam, zol ýadyma Merkeliñ ildeşi zenan kärdeşimiz Daniela Dan (1949-njy ýylda doglan) düşdi durdy.…



Onuñ kakasy žurnalist we diplomat (Parižde işlände jöhitleri halas etmegi bilen tanalýan) Karl-Haýns Gerstner, ejesi Gündogar Germaniýanyñ «Sibyl» moda žurnalyny esaslandyryjy, tasarımcı Sibilla Boden Gerstner, uýasy 19 ýaşynda öz janyna kast edenden soñ yzynda haýrana goýduran şygyrlar, aýdymlar, suratlar, hatlar goýup giden Sonýa Gerstner. (Sonýa 8-nji martda Halkara Zähmetkeş Zenanlar gününde öz janyna kast edipdi.)
Žurnalist Dan Gündogar Germaniýanyñ Brandenburg-Klaýnmahnowda ulaldy. Leýpsigde žurnalistika ugrundan okady. Gündogar Germaniýanyñ «DFF» teleýaýlymynda işledi.
Gündogar Germaniýadaky oppozision «Demokratik oýanyş» toparynyñ düýbüni tutujylardan biri boldy.
Bu maglumatlaryñ Gündogar Germaniýada ulalan Merkele näme dahyly bar?




* * *

Dan 1997-nji ýylda “Günbatar diýe-diýe» kitabyny ýazdy.
Dünýä jemgyýetçiligine iki Germaniýanyñ birikmeginiñ nähili «haýrana galdyran» syýasy üýtgeşme hökmünde tanadylsa-da, Dan ýat tutulan bu warsakyny çepbesine çöwürdi. Birikmek görer göze gopgun turuzsa-da, çuñluklarda nämelere sebäp bolandygyny

ýazdy…
Federatiw Germaniýanyñ ikiýüzlülüklerini, ýalan-ýaşryklaryny subutnamalary bilen orta döküp, nikaby sypyryp taşlady. Günbataryñ «demokratiýa», «adam hukuklary» we ş.m. esasy prinsiplerindäki galplyklary geñ galdyryjy anyk mysallar arkaly paş etdi…
Meselem:
Federatiw Germaniýanyñ Gündogar Germaniýanyñ döwlet eýeçiligindäki edara-kärhanalarynda, ýerlerine, otellerine we iki milliondan gowrak howly-jaýly mülklerine eskplutatirleýji çemeleşme bilen nädip el goýşuny-ogurlyk edişini gürrüñ berdi. Gündogar nemes halkynyñ nädip tüwmaýak galdyrylyşyny ýazdy.




Nämeler bolup geçmedi şol birikme döwründe! Mysal üçin: Gündogar Germaniýada «urşuñ pidalaryna howpsuzlyk kepilligi hakdaky kanun» bilen Gitlere garşy urşan antifaşistleriñ, nasistik konslagerlerden halas edilen 600 müñ adamyñ ykbalynyñ üstüne atanak çekildi, pensiýadaky dört million adamyñ hak-heşdegi rehimsizlik bilen elinden alnypdy! Awstriýa gidensoñ ikiýüzli durmuşdan halys bizar bolup, dogduk depesi Gündogar Germaniýa dolanyp baran filosof Wolfgang Harih hem adalatsyzlyga uçran millionlarça adamyñ biridi…

Beýleki bir ýandan Germaniýanyñ uruş jenaýatkäri faşist Wolfgang Lehnik Emdeni jogapkärçilikden boşatmagyna geñ galan diñe gündogarly nemesler boldy, çünki antifaşizm olar üçin döwlet doktrinasydy we federatiw nemesler faşizmi bireýýäm ýatdan çykarypdylar!




* * *

Iki Germaniýanyñ birleşmegi Gündogara diñe ykdysady weýrançylyk getireni bilenem oñmady…

«Iñ soñky ýapylyşyñ pähmidir bu: Azatlygy we ýaşaýşy diñe her gün ony basyp almaga mejbur bolanlar gazanyp bilýär…»

Dan bu sitata salgylanandan soñ sözüni şeýle dowam etdirýär:

«Men on bir ýaşymdakam mekdepde «Fausta» düşündiriş bererdik. Şol bir wagtyñ özünde kitabyna Gýotäni ýumagyñ ujy edip alan Andreý Zaharowyñ «Geljegi nädip göz öñüme getirýärin» kitabyny okardyk…»

Daniela Dan Gündogar Germaniýanyñ intellektual gorunyñ nädip mynjyradylyp taşlanyşyny gürrüñ berýär.

Netijede oña nämeleri diýmediler:

«Düzelerden geçen zyýanly galyndy!»

Dan “günä geçisi” edildi. Emma ol hiç yza ädim ätmedi. (Soñky

gezek Germaniýanyň Ukraina beren harby kömeginiň bes edilmegine çagyrýan çagyryşnama ilkinji bolup gol çekenleriň biri boldy).
Başyna dolanyp geler bolsam:
Merkele bagyşlanyp düşürilen dokumental filmiň Gündogar Germaniýa hakdaky hakykatlaryň ýerine bize otuz ýyllyk «agyzdan galan palawy gyzdyryp» iýdirýändiginden ynjalyksyzlandym…
Sany barmak büküp sanardan azam bolsa, demokratik tradisiýany dowam etdirip, tankydy žurnalistikany ýöredip ýörenler bar dünýäde…

Soner ÝALÇYN.

«SÖZCÜ» gazeti, 31.03.2023 ý. Publisistika